~ of a collector	kollektory gurama; kollektory ýygnama we oturtma	установка коллектора; монтаж коллектора
erosion	**eroziýa (iýilmek, bozulmak, dargamak)**	**эрозия**
wind ~	ýeliň iýmegi (köwmegi, dargatmagy, eroziýasy)	ветровая эрозия
evaporating	**bugarma, bugaryş**	**испарение**
evaporator	**bugardyjy**	**испаритель**
solar ~	gün bugardyjysy	солнечный испаритель
exchanger	**ýylylyk alyşyjy**	**теплообменник**
heat ~	ýylylyk alyşyjy	теплообменник

F

facility	**beket (stansiýa), enjam**	**станция, установка**
photovoltaic ~	fotoelektrik bekedi (stansiýasy)	фотоэлектрическая станция
solar hydrogen production ~	gün energiýasyny ulanmak bilen wodorod öndürmek üçin enjam (desga)	установка для производства водорода с использованием солнечной энергии
solar-powered drying ~	gün bilen guradyjy (kakadyjy) enjam	солнечная сушильная установка
factor	**koeffisiýent, ýagdaý (sebäp, faktor)**	**коэффициент, фактор**
building heat loss ~	jaýyň ýylylyk ýitgileri; jaýyň ýylylyga bolan talaplary (bir gradus-gün hasabynda)	тепловые потери здания; потребности здания в тепле (в расчёте на один градусо-день)
capacity ~	kuwwat (kuwwatlylyk) koeffisiýenti	коэффициент мощности
concentration ~	konsentrasiýa (şöhlelenme) koeffisiýenti, (şöhlelenmäniň) toplama koeffisiýenti	коэффициент концентрации (излучения)
conversion fuel ~	ýangyjyň energetiki ekwiwalenti;	энергетический эквивалент топлива; теплотворная способность топлива
emission ~	goýberiliş (emissiýa) koeffisiýenti; öndürilýän önümiň birligine düşýän zyňyndylaryň mukdary	коэффициент эмиссии; количество выбросов на единицу производимого продукта
energy recovery ~	energetiki harajatlaryň ornuny doldurmagyň (öwezini dolmagyň, tölemegiň) ýagdaýy (faktory)	фактор возмещения энергетических затрат
environmental ~	daş-töwerekdäki gurşawyň ýagdaýy (faktory), ekologiki ýagdaý, täsir, (faktor)	фактор окружающей среды, экологический фактор

farm	**ferma**	**ферма**
energy ~	(biomassadan energiýa almak üçin) energetiki ferma	энергетическая ферма (для получения энергии из биомассы)
offshore ~	kenarýaka ýel fermasy	прибрежная ветровая ферма
solar ~	gün fermasy, gün elektrik bekedi (gün elektrik stansiýasy)	солнечная ферма, солнечная электростанция
fermentation	**fermentleşme**	**ферментация**
continuous ~	üznüksiz (dyngysyz) fermentasiýa	непрерывная ферментация
microbial ~	mikrobiologiki fermentasiýa	микробиологическая ферментация
field	**1. meýdan (ýer)** **2. giňişlik, giň ýer** **3. pudak, ýer, töwerek**	**1. поле** **2. пространство** **3. область**
distributed collector ~	paýlanan (bölünen) kollektorlaryň meýdany (ýerleşýän ýeri)	поле распределенных коллекторов
heliostat ~	geliostatlaryň meýdany	поле гелиостатов
finite energy resources	**(täzelenmeýän) täzeden döremeýän energetiki baýlyklar (resurslar)**	**невозобновляемые энергетические ресурсы**
flat-plate solar collector; flat plate collector	**ýasy gün kollektory**	**плоский солнечный коллектор**
floating tidal plant	**ýüzýän daşgyn elektrik bekedi (stansiýasy)**	**плавучая приливная электростанция**
flow	**akym (tapgyr), akma (geçme, gitme)**	**поток, течение**
energy ~	energiýa akymy, energiýanyň akymy	поток энергии
fluid ~	suwuklyk akymy, suwuklygyň akymy	течение жидкости
heat ~	ýylylyk akymy, ýylylygyň akymy	тепловой поток
fluid	**suwuklyk, suwuk sreda (suwuk gurşaw)**	**жидкость, жидкая среда**
collector ~	kollektor suwuklygy, kollektor ýylylyk göterijisi	коллекторная жидкость, коллекторный теплоноситель
~ power	suw energiýasy	гидроэнергия
heat transfer [heat transport] ~	suwuk ýylylyk göteriji	жидкий теплоноситель
working ~	işçi jisim	рабочее тело
flux	**(şöhlelenme) akymy, akym; (şöhlelenmäniň) akymy**	**поток (излучения)**
heat ~	ýylylyk akymy	тепловой поток
incident ~	düşýän akym, düşüji akym	падающий поток
optical ~	optiki akym	оптический поток
photon ~	fotonlaryň akymy	поток фотонов
radiant ~	şöhleli (şöhle görnüşli) akym	лучистый поток

reflected ~	serpikdirilen akym	отраженный поток
focal	**fokus**	**фокусное**
~ distance	fokus aralygy	фокусное расстояние
~ length	fokus aralygy	фокусное расстояние
~ plane	fokal tekizligi, tekizlik	фокальная плоскость
~ spot	fokal menek	фокальное пятно
focus	**fokus**	**фокус**
line ~	şöhleli fokus, şöhle fokusy	линейный фокус
forced convection	**mejbury konweksiýa**	**принудительная конвекция**
free convection	**tebigy konweksiýa**	**естественная конвекция**
freshening	**(suwy) süýjetme**	**опреснение**
fuel	**ýangyç**	**топливо**
biomass ~	biomassadan alnan ýangyç	топливо, получаемое из биомассы
ecological ~	ekologiki ýangyç	экологическое топливо
fossil ~	gazylyp alynýan ýangyç	ископаемое топливо
hydrocarbon conversed ~	metanyň konwersiýasy arkaly (bilen) alynýan ýangyç	топливо, получаемое при конверсии метана
hydrogen ~	wodorod ýangyjy	водородное топливо
renewable~	täzeden döreýän (gaýtadan dikeldilýän) ýangyç	возобновляемое топливо
solar ~	gün ýangyjy	солнечное топливо
frequency	**ýygylyk, gaýtalanyjylyk**	**частота, повторяемость**
fuel cell –	**ýangyç elementi**	**топливный элемент**
full radiator	**absolýut gara jisim**	**абсолютно черное тело**
fume	**bugarma, bug; tüsse; gurum (düýt)**	**испарение, пар; дым; копоть**
furling speed	**ýeliň basyşynyň iň ýokary rugsat edilýän tizligi**	**максимально допустимая скорость напора ветра**
furnace	**peç**	**печь**
high-temperature solar ~	ýokary temperaturaly gün peji	высокотемпературная солнечная печь;
	paraboliki aýnaly optiki peç; gün paraboliki peji;	оптическая печь с параболоидными зеркалами; солнечная параболическая печь
image ~	şöhlelenme çeşmesiniň şekilini saklaýan, konsentratorly peç	печь с концентратором, сохраняющим изображение источника излучения
solar	gün peji	солнечная печь
two-stage solar ~	iki aýnaly gün peji	двухзеркальная солнечная печь

G

gain	**1. güýçlenme (berkeme)** **2. geçirişiň koeffisiýenti**	**1. усиление** **2. коэффициент передачи**
heat ~	(*gün şöhlelenmesiniň, tebigy ýagdaýlaryň (sebäpleriň) we adamyň (hojalyk) işiniň hasabyna*) ýylylygyň artmagy (köpelmegi)	увеличение теплоты (*за счет солнечного излучения, природных факторов и деятельности человека*)
indirect solar ~	energiýany aralyk siňdirijisi we täzeden (başgaça) paýlaýjysy bolan ýyladyşyň gün ulgamy: üznüksiz gyzdyrmagyň (gyzdyryşyň) passiw gün ulgamy	солнечная система отопления с промежуточным поглощением и перераспределением энергии: пассивная солнечная система непрерывного нагрева
internal ~	(jaýyň içinde) içerki (içki) ýylylyk çykaryş	внутреннее тепловыделение (в здании)
isolated solar ~	ýyladyşyň (ýyladyjy desganyň) aýrybaşga (izolirlenen) gün ulgamy; şöhlelenmäni aýrybaşga (izolirlenen) kabul edijiden ýylylygy berijiligi bolan passiw gün ulgamy	изолированная солнечная система отопления; пассивная солнечная система с передачей тепла от изолированного приемника излучения
solar ~	energiýa harçlanylanda, jaýlaryň aýnalanylmagy arkaly gün energiýasynyň gelýän (düşýän) bölegi	доля солнечной энергии, поступающей через остекление зданий, в потреблении энергии
useful energy ~	peýdaly energiýany beriş koeffisiýenti	коэффициент передачи полезной энергии
gap	**gadagan edilen (energetiki) zona; gadagan edilen (energetiki) zonanyň ini**	**запрещенная (энергетическая) зона; ширина запрещенной (энергетической) зоны**
gas	**gaz**	**газ**
gobar ~	biogaz, biologiki gaz	биогаз
wood ~	agaçdan alnan gaz	газ, полученный из древесины
gas-turbine power station	**gaz turbinaly elektrik bekedi (stansiýasy)**	**газотурбинная электростанция**
~ with combined steam-gas cycle	bug-gaz siklli gaz turbinaly elektrik bekedi (stansiýasy)	газотурбинная электростанция с парогазовым циклом
gear box	**geçirijiler gutusy (reduktor)**	**коробка передач (редуктор)**
generation	**öndürme ýa-da generasiýa, öndüriliş**	**генерация, производство**
biogas ~	biogazyň öndürilişi, biologiki gazyň öndürilişi	производство биогаза

direct-to-load photovoltaic power ~	(ulanylýan ýerlerinde) gös-göni sarp edijide energiýanyň fotoelektrik usulda alnyşy	фотоэлектрическое получение энергии непосредственно у потребителя (в местах потребления)
photovoltaic ~	Fotoelektrigiň (fotoelektrik toguň) kömegi bilen (energiýany) öndürmek (generirlemek)	генерирование (энергии) с помощью фотоэлектричества
solar electric [solar power] ~	gün energiýasyndan elektrik energiýasyny öndürmek	производство электроэнергии из энергии солнца
specific annual energy ~	energiýanyň ýylylyk (ýylyň dowamyndaky) udel işlenilip çykarylmagy	удельная годовая выработка энергии
wind ~	ýeliň kömegi bilen energiýanyň öndürilmegi	производство энергии с помощью ветра
generator	**generator; öndürme ýa-da generasiýa, öndüriliş**	**генератор; генерация, производство**
buoyancy driver power ~	galtgalaryň göteriji güýjüni ulanýan generator	генератор, использующий подъёмную силу поплавков
eolic ~	ýel generatory	ветровой генератор, ветрогенератор
low-inertia steam ~	Az inersiýaly (gün) bug generatory	малоинерционный (солнечный) парогенератор
solar vapor ~	gün bug generatory	солнечный парогенератор
terrestrial solar ~	ýerüsti gün generatory	наземный солнечный генератор
wave (action) [wave activated] ~	energiýanyň tolkun generatory	волновой генератор энергии
wind (power) ~	ýel generatory, ýelgenerator	ветровой генератор, ветрогенератор
wind turbine(-driven) ~	ýel turbinasyndan herekete getirijisi bolan generator, ýel turbinaly generator	генератор с приводом от ветровой турбины, ветровой турбинный генератор
geothermoelectric power	**geotermal energiýa, ýerasty gyzgynlygyň energiýasy**	**геотермальная энергия**
geothermal	**geotermiki, geotermal**	**геотермический, геотермальный**
~ energy	geotermal energiýa	геотермальная энергия
~ flow	geotermal akym	геотермальный поток
~ gradient	geotermal gradiýent	геотермальный градиент
~ hot water field; hot water reservoir	gyzgyn termal suwlaryň käni (çykýan ýeri)	месторождение горячих термальных вод
~ geothermal potential	geotermiki mümkinçilik (potensial)	геотермический потенциал
~ geothermal power station	geotermik elektrik bekedi (stansiýasy)	геотермальная электростанция

~ power plant	geotermik elektrik bekedi (stansiýasy)	геотермальная электростанция
~ steam field; steam reservoir	termal buguň käni (çykýan ýeri)	месторождение термального пара
~ warm water field	ýyly termal suwlaryň käni (çykýan ýeri)	месторождение тёплых термальных вод
glass	**aýna, çüýşe**	**стекло**
laminated ~	köpgatly aýna	многослойное стекло
low-iron ~	(gün enjamlary üçin) düzüminde demiri az saklaýan aýna	стекло с низким содержанием железа (для солнечных установок)
plate ~	ýüz görülýän aýnanyň aýnasy	зеркальное стекло
safety ~	1. gorag aýnasy; 2. döwüksiz (gyýçaksyz) aýna; döwülmeýän aýna	1. защитное стекло; 2. безосколочное стекло; небьющееся стекло
sol-gel ~	“gün geli” aýnasy	стекло «солнечный гель»
water-white ~	arassa suw reňkli (dury) aýna	стекло цвета чистой воды
glasshouse effect	**parnik täsiri, oranžereýa täsiri, ýyladyşhana täsiri**	**парниковый эффект, оранжерейный эффект, тепличный эффект**
glazing	**aýnalama**	**остекление**
double ~	ikigat aýnalama	двойное остекление
single ~	ýekegat aýnalama	одинарное остекление
sunspace ~	gün düşýän jaýlaryň aýnalanmagy	остекление солнечных помещений
triple ~	üçgat aýnalama	тройное остекление
global solar radiation; global radiation	**jemi gün şöhlelenmesi (ýaýratmasy, nur saçmasy)**	**суммарное солнечное излучение**
global warming	**dünýä möçberinde (global) ýylamaklyk**	**глобальное потепление**
gradient	**gradiýent**	**градиент**
geothermal ~	(ýeriň içindäki temperaturalar) geotermal gradiýent	геотермальный градиент (температуры в земле)
graph	**grafik (çyzgy)**	**график**
duration ~s	(gün radiasiýasynyň) ýygylyk bölünişiniň (ýaýraýşynyň, paýlanylyşynyň) grafigi (çyzgysy)	график частотного распределения (солнечной радиации)
green energy	**biomassanyň energiýasy**	**энергия биомассы**
greenhouse	**parnik, ýyladyşhana**	**парник, теплица**
solar ~	gün ýyladyşhanasy	гелиотеплица
greenhouse effect	**parnik täsiri, oranžereýa täsiri, ýyladyşhana (teplisa) täsiri**	**парниковый эффект, оранжерейный эффект, тепличный эффект**
green power	**energiýanyň täzelenýän (gaýtadan dikeldilýän) çeşmelerinden alynýan elektrik energiýasy**	**электроэнергия, получаемая от возобновляемых источников энергии**

grid-connected	**ulgam bilen bagly (baglanyşykly)**	**связанный с сетью**
gross calorific value	**ýokary ýylylyk döredijilik ukyby**	**высшая теплотворная способность**

H

harvesting	**hasyl ýygnama (ýygylmagy)**	**сбор (уборка) урожая**
biomass ~	biomassanyň hasylyny ýygnama	сбор урожая биомассы
solar energy ~	gün energiýasyny ýygnama	собирание солнечной энергии
heat	**ýylylyk, ýyly; ýylylyk, maýyllyk**	**тепло; теплота**
~ carrier	ýyllygy özünde saklaýjy, göteriji, ýaýradyjy	теплоноситель
~ conductance	ýylylyk geçirijiligi	теплопроводность
~ conduction	ýylylyk geçirijiligi	теплопроводность
~ conductivity	ýylylyk geçirijiligi, udel ýylylyk geçirijiligi	теплопроводность, удельная теплопроводность
~ exchange	ýylylyk alşygy (çalşygy)	теплообмен
~ exchanger	ýylylyk alşyjy(çalşygy), ýylylyk alşygyny (çalşygyny)amala aşyryjy	теплообменник
~ of combustion	(ýangyjyň) ýanyş ýylylygy (gyzgynlygy)	теплота сгорания (топлива)
~ of condensation	goýalmagyň (kondensasiýanyň) ýylylygy	теплота конденсации
~ of fusion	ereýiş ýylylygy, eremek gyzgynlygy	теплота плавления
~ of vaporization	bug emele gelşiň gyzgynlygy, bugarma ýylylygy	теплота парообразования, теплота испарения
~ flow; ~ flux	ýylylygyň akymy, ýylylyk akymy	тепловой поток
~ insulation	ýylylyk üçin daşyny örtmek, aýrybaşga etmek, izolirlemek	тепловая изоляция
~ load	ýylylyk agramy, ýylylyk zory	тепловая нагрузка
~ loss factor	ýylylyk ýitgileriň koeffisiýenti	коэффициент тепловых потерь
~-mass exchange	ýylylyk massa alşygy(çalşygy)	тепломассообмен
~-transfer apparatus, ~-transfer device	ýylylyk alşyjy(çalşyjy), ýylylyk alşgyny(çalşygyny) amala aşyryjy	теплообменник
~ sink	ýylylyk agramy, ýylylyk zory	тепловая нагрузка
~ storage	ýylylygyň akkumulýatory, ýylylygy toplaýjy	аккумулятор тепла, накопитель тепла
~-transfer capacity	ýylylyk geçirijiligi	теплопроводность
~ transfer; ~ transmission	ýylylyk beriş, ýylylyk berme, ýylylyk geçirme	теплопередача
civic ~	raýat hajatlary(zerurlyklary) üçin ýylylyk	теплота для гражданских нужд
crystallization ~	kristallaşma ýylylygy	теплота кристаллизации

deep ~	çuňluk ýylylygy	глубинное тепло
geothermal ~	geotermal ýylylyk; ýer gabygynyň ýylylygy	геотермальное тепло; тепло земной коры
latent ~	(kondensasiýanyň ýa-da gatamagyň) gizlin, ýaşyryn ýylylygy	скрытая теплота (конденсации или затвердевания)
useful solar ~	peýdaly gün ýylylygy	полезное солнечное тепло
waste ~	gidýän, uzaklaşýan [sowulýan] ýylylyk	отходящая [сбросная] теплота
total ~	**düzüminde ýyly saklama, entalpiýa – S** entropiýanyň garaşsyz parametrleriniň ulgamynyň we **p** basyşyň bolan halatyndaky termodinamiki ulgamyň ýagdaýynyň bir (ýeke) belgili **H** funksiýasy **U** içki energiýa **H=U+pV** bilen baglanyşykly bolup, bu ýerde **V**-ulgamyň göwrümini aňladýar. **P** üýtgewsiz (hemişelik, durnukly) bolanda entalpiýa ýylylygyň ulgama jemlenen (getirilen) mukdaryna deňdir. Şonuň üçin hem entalpiýany köplenç ýylylyk funksiýasy ýa-da ýylylyk saklaýjylyk diýip atlandyrýarlar. Termodinamiki deňagramlylyk ýagdaýynda (**p** we **S** üýtgewsiz, hemişelik bolan halatynda) ulgamyň entalpiýasy örän az mukdarda bolýar	теплосодержание, энтальпия
heat-recurrent steam generator	**ýylyk gaýtaryjy bug generatory**	**тепловозвратный парогенератор**
heater	**gyzdyryjy**	**нагреватель**
built-in storage solar water ~	oturdylan ýylylyk akkumulýatory bolan gün suw gyzdyryjysy	солнечный водонагреватель со встроенным тепловым аккумулятором
collective solar water ~	kollektiw suw gyzdyryjysy	коллективный солнечный водонагреватель
double-loop solar ~	(ikikonturly) ikisudurly gün suw gyzdyryjysy	двухконтурный солнечный нагреватель
flat-plate solar water ~	ýasy, tekiz suw gyzdyryjy	плоский солнечный водонагреватель
forced-circulation solar water~	mejbury aýlanyşygy bolan gün suw gyzdyryjysy	солнечный водонагреватель с принудительной циркуляцией
hot-water ~	suw gyzdyryjy	водонагреватель
solar ~	gün suw gyzdyryjysy	солнечный нагреватель
solar air ~	gün howa ýyladyjysy (gyzdyryjysy)	солнечный воздухоподогреватель
storage ~	ýylylyk toplaýjy, akkumulýatory	тепловой аккумулятор
two-phase water ~	ikifazaly suw gyzdyryjy	двухфазный водонагреватель

water ~	suw gyzdyryjy	водонагреватель
heating	**1. ýylatma (gyzdyrma), gyzdyrmaklyk; 2. gyzdyryş (ýyladyş), gyzdyrma, ýakma, ýylatma**	**1. нагрев, нагревание 2. обогрев, отопление**
degree-day ~	gradus-gün hasabynda ýylatmaga bolan talap	потребность в отоплении в градусо-днях
house ~	öýüň ýyladylmagy (gyzdyrylmagy)	отопление дома
solar ~	gün bilen gyzdyrma, ýylatma; gün bilen ýyladyş, gyzdyryş	солнечный обогрев; солнечное отопление
solar space ~	jaýlaryň (otaglaryň) gün bilen ýyladylmagy (gyzdyrylmagy)	солнечное отопление помещений
water ~	suw bilen ýylatma, suw bilen gyzdyryş	водяное отопление
height	**beýiklik**	**высота**
hub ~	ýel turbinasynyň okunyň beýikligi	высота оси ветровой турбины
tide ~	daşgynyň beýikligi	высота прилива
heliostat	**geliostat**	**гелиостат**
higher heating value	**ýokary ýylylyk dörediş (döredijilik) ukyby**	**высшая теплотворная способность**
horizontal axis machine; horizontal axis wind turbine	**gorizontal okly ýel turbinasy**	**ветровая турбина с горизонтальной осью**
hothouse effect	**parnik täsiri, oranžereýa täsiri, ýyladyşhana (teplisa) täsiri**	**парниковый эффект, оранжерейный эффект, тепличный эффект**
hot-water generator	**bug generatory**	**парогенератор**
house	**jaý, öý**	**дом**
photovoltaic-powered ~	fotoelektrik batareýalardan elektrik (energiýasy) bilen üpjün edilýän jaý, öý	дом с электроснабжением от фотоэлектрических батарей
plastic ~	plýonkaly (plýonkadan edilen) ýyladyşhana, teplisa	плёночная теплица
solar ~	güneşli (gün)jaýy (öý)	солнечный дом
solar-heating ~	gün ýyladyjysy (gyzdyryjysy) bolan jaý, öý	дом с солнечным отоплением
total energy ~	doly elektrik energiýasy bilen üpjünçiligi bolan jaý, öý	дом с полным энергообеспечением
humidity	**çyglylyk**	**влажность**
absolute ~	absolýut çyglylyk, hakyky çyglylyk	абсолютная влажность
relative ~	otnositel çyglylyk, deňeşdireniňdäki çyglyk	относительная влажность
hybrid system	**gibrid ulgamy (sistemasy)**	**гибридная система**
hydrocarbon resources	**uglewodorod baýlyklar (resurslar)**	**углеводородные ресурсы**
hydroelectric	**suw energetiki**	**гидроэлектрический**

~ engineering	suw energetikasy	гидроэнергетика
~ installation	suw energetiki merkezi, uzeli	гидроэнергетический узел
~ plant	suw elektrik bekedi, suw elektrostansiýasy	гидроэлектростанция
~ potential	suw energiýa baýlyklarynyň mümkinçiligi, suwuň energiýa resurslarynyň potensialy	потенциал гидроэнергоресурсов
~ power	suw elektrik energiýasy	гидроэлектроэнергия
~ power plant	suw elektrik bekedi, suw elektrostansiýasy	гидроэлектростанция
~ station	suw elektrik bekedi, suw elektrostansiýasy	гидроэлектростанция
hydraulic	**gidrawliki**	**гидравлический**
~ power	suw energiýasy	гидроэнергия
~ power development	suw energetikasy	гидроэнергетика
hydropower	**suw energetikasy**	**гидроэнергетика**
~ engineering	suw energetikasy	гидроэнергетика
~ industry	suw energetikasy	гидроэнергетика
~ plant	suw elektrik bekedi, suw elektrostansiýasy, SES	гидроэлектростанция, ГЭС
hyperboloid	**giperboloid – giperbolanyň aýlanmagy netijesinde emele gelýän üst**	**гиперболоид**
hypsometer	**1. termometriň ýokary durnukly (hemişelik) nokadyny anyklamak üçin gural**	**1. прибор для установления верхней постоянной точки термометра**
	2. gipsotermometr, termobarometr, gipsomer – atmosfera basyşyny ölçemek üçin ulanylýan gural bolup, ol basyşyň üýtgemegi bilen suwuň gaýnamak temperaturasynyň üýtgeýändigine esaslanýan gural. Ol gural ekspedisiýa şertlerinde daglyk ýerlerde ulanylýar	**2. гипсотермометр, термобарометр, гипсомер**

I

illumination	**ýagtyltma, yşyklandyrma**	**освещение**
photovoltaic ~	fotoelektrik ýagtyltmasy, yşyklandyrmasy	фотоэлектрическое освещение
solar ~	gün ýagtyltmasy, yşyklandyrmasy	солнечное освещение
image	**şekil; şekillendirme**	**изображение**
~ of the sun	gün şekili	изображение солнца
heliostat ~	geliostatyň kemala getirýän (döredýän) şekili	изображение, формируемое гелиостатом
impact	**1. urgy, urma; itergi** **2. täsir; täsir etme**	**1. удар; толчок** **2. воздействие; влияние**

environmental ~	daş-töwerekdäki gurşawa (edilýän) täsir	влияние на окружающую среду
incandescence	**ýylylyk çykarylmagy, ýaýramagy**	**тепловое излучение**
incinerator	**1. gaty gyzdyrmak üçin peç (mufel)** **2. hapa (zibil) ýakyjy enjam, galyndylary ýakmak üçin peç**	**1. печь (муфель) для прокаливания** **2. мусоросжигательная установка, печь для сжигания отходов**
indicator	**görkeziji, indikator**	**индикатор**
sun intensity ~	gün şöhlelenmesiniň depginliliginiň (intensiwliginiň)görkezijisi (indikatory)	индикатор интенсивности солнечного излучения
industry	**senagat**	**промышленность**
photovoltaic ~	fotoelektrik senagaty	фотоэлектрическая промышленность
solar ~	gün energetiki senagat, gün energetikasy	гелиоэнергетическая промышленность, гелиоэнергетика
solar thermal ~	gün ýylylyk energetiki senagaty, gün ýylylyk energetikasy	гелиотеплоэнергетическая промышленность, гелиотеплоэнергетика
wind ~	ýel energetiki senagaty, ýel energetikasy	ветроэнергетическая промышленность, ветроэнергетика
infrared light; infrared radiation; infrared rays	**IG-şöhlelenme, infragyzyl şöhlelenme**	**ИК-излучение, инфракрасное излучение**
insolation	**gün şöhlelenmesiniň energetiki ekspozisiýasy, insolýasiýa**	**энергетическая экспозиция солнечного излучения, инсоляция**
clear day ~	açyk günde gün şöhlelenmesiniň energiýasy	энергия солнечного излучения в ясный день
diffuse ~	ýaýran gün şöhlelenmesiniň energetiki ekspozisiýasy, ýaýran gün insolýasiýasy	энергетическая экспозиция рассеянного солнечного излучения, рассеянная инсоляция
direct ~	göni (düşýän) gün şöhlelenmesiniň energetiki ekspozisiýasy, göni insolýasiýa	энергетическая экспозиция прямого солнечного излучения, прямая инсоляция
direct normal ~	şöhlelenmä perpendikulýar bolan üste göni gün şöhlesiniň düşmegi	прямое солнечное излучение на поверхность, перпендикулярную к излучению
global ~	jemi gün şöhlelenmesiniň gorizontal üstdäki energetiki ekspozisiýasy, gorizontal üstdäki insolýasiýa	энергетическая экспозиция суммарного солнечного излучения на горизонтальной поверхности, инсоляция на горизонтальной поверхности

total ~	jemi gün şöhlelenmesiniň ýapgyt üstdäki energetiki ekspozisiýasy, ýapgyt üstdäki jemi insolýasiýa; jemi gün radiasiýasy	энергетическая экспозиция суммарного солнечного излучения на наклонной поверхности, суммарная инсоляция на наклонной поверхности; суммарная солнечная радиация
inspissation	**kondensasiýa, suwuk hala geçme, goýalma**	**конденсация**
installation	**enjam**	**установка**
high-ratio ~	(*gün şöhlelenmesiniň, şöhlesiniň*) ýokary toplanmasy bolan enjam; (*gün şöhlelenmesiniň*) ýokary toplanmaly enjamy	установка с высокой концентрацией (*солнечного излучения*)
parallel piping ~	parallel birikdirilen turbalary bolan enjam	установка с параллельно соединёнными трубами
insulation	**aýrybaşga etmek, daşyny örtmek, izolýasiýa**	**изоляция**
intensity	**intensiwlik**	**интенсивность**
AM1 solar ~	1 atmosfera massasyna barabar (laýyk, deň) spektri bolan gün şöhlelenmesiniň intensiwligi	интенсивность солнечного излучения со спектром, соответствующим атмосферной массе 1
calorific ~	(*ýangyjyň*) ýanma temperaturasy, (*ýangyjyň*) ýanmak temperaturasy; ýanmagyň (*ýanysyň*) intensiwligi	температура сгорания (*топлива*); интенсивность сгорания
energy ~	energiýanyň depginliligi, intensiwligi	интенсивность энергии
illumination ~	ýagtyltmanyň depginliligi, intensiwligi	интенсивность освещения
solar (radiation) [sun] ~	gün şöhlelenmesiniň intensiwligi	интенсивность солнечного излучения
International Solar Agency	**Gün energiýasy boýunça halkara agentlik (gulluk)**	**Международное агентство по солнечной энергии**
inverter	**hemişelik elektrik toguny üýtgeýän elektrik toguna öwürýän gurluş, inwertor, öwrüji**	**инвертор, преобразователь**
irradiance	**şöhlelenme (ýaýratma, saçma) akymynyň üstki dykyzlygy; energetiki ýagtyldylyşy, energetiki ýagtylma derejesi**	**поверхностная плотность потока излучения; энергетическая освещённость**
direct ~	göni gün şöhlelenmesiniň akymynyň üstki dykyzlygy; göni gün şöhlelenmesiniň energetiki ýagtyldylyşy, energetiki ýagtylma derejesi	поверхностная плотность потока прямого солнечного излучения; энергетическая освещённость прямого солнечного излучения
global ~	(gorizontal üstde) gün şöhlelenmesiniň jemi akymynyň üstki dykyzlygy	поверхностная плотность потока суммарного солнечного излучения (на горизонтальной поверхности)

solar ~	gün şöhlelenmesiniň akymynyň üstki dykyzlygy; gün şöhlelenmesiniň energetiki ýagtyldylyşy, energetiki ýagtylma derejesi	поверхностная плотность потока солнечного излучения; энергетическая освещённость солнечного излучения
solar spectral ~	gün şöhlelenmesiniň spektral paýlanyşy, bölünişi	спектральное распределение солнечного излучения
spectral ~	(*günüň*) şöhlelenme akymynyň spektral dykyzlygy	спектральная плотность потока (*солнечного*) излучения
total ~	gün şöhlelenmesiniň jemi akymynyň üstki dykyzlygy; (ýapgyt, eňňit üstde) jemi gün şöhlelenmesiniň energetiki ýagtyldylyşy, jemi şöhlelendirilişi, jemi şöhlelendiriliş derejesi	поверхностная плотность потока суммарного солнечного излучения; энергетическая освещенность суммарного солнечного излучения (*на наклонной поверхности*), суммарная облученность
irradiation	**1. şöhlelendirme; şöhlelendirmäniň mukdary; (näme-de bolsa bir zadyň) ýagtylandyrylmagy** **2. şöhlelenme (ýaýratma, goýberme), goýberme (çykarma)**	**1. облучение; количество облучения; освещение (чего-л.)** **2. излучение, испускание**
	3. irradiasiýa – optikada gara düşekdäki ak şekilleriň ak düşekde ýerleşen birmeňzeş ululykdaky göwnüňe uly ýaly bolup görünmegi (oňa položitel irradiasiýa diýilýär). Emma şekilleriň düşeginiň reňki ýiti bolmasa, onda ak düşekdäki gara şekiller beýlekiden uly ýaly bolup görünýär (oňa otrisatel irradiasiýa diýilýär)	**3. иррадиация**
solar ~	1. gün radiasiýasy bilen şöhlelendirme	1. облучение солнечной радиацией
	2. gün radiasiýasy	2. солнечная радиация
surface ~	üstün şöhlelendirilmegi	облучение поверхности
isolation	**aýrybaşga etme, daşyny örtme, izolýasiýa**	**изоляция**

J

jacket	**dykyzlanma, gabyk (örtük) demir guty, örtük, “köýnek”**	**уплотнение, оболочка, кожух, чехол, рубашка**
vacuum ~	wakuum dykyzlanmasy, wakuum gabygy	вакуумное уплотнение, вакуумная оболочка
cooling ~	sowadyjy “köýnek”	охлаждающая рубашка
cooling-water ~	suwly sowadyjy “köýnek”, sowadyjy suw “köýnegi”	водяная охлаждающая рубашка

heating ~	gyzdyryjy “köýnek”	нагревательная рубашка
water ~	suw “köýnegi”, suwly “köýnek”	водяная рубашка
jacketed	**iki gat diwarly, iki gat demir gutuly**	**с двойными стенками, с двойным кожухом**
jacketing	**“köýnek” bilen ýylatmak ýa-da sowatmak**	**обогревание или охлаждение рубашкой**
jet	**1. insiz akym; insiz akym bilen akma (akmagy);**	**1. струя; струйное течение;**
	2. lüle – akýan suwuklygy ugrukdyrmak hem-de akymy çaltlandyrmak üçin turbanyň agzyna geýdirilýän naýça; pürküji gural – **forsunka**	**2. сопло, форсунка**
adjustable ~	sazlaşdyrylýan, düzgüne salynýan akym	регулируемая струя
air ~	howanyň insiz akymy, insiz howa akymy	воздушная струя
discharging ~	akyp çykýan insiz akym	вытекающая струя
fluid ~	suwuklygyň insiz akymy	струя жидкости
open ~	erkin, azat (açyk) insiz akym	свободная (открытая) струя
pronounced ~	mese-mälim bildirýän insiz akym	ярко выраженное струйное течение
stream-penetrating ~	akyma guýulýan insiz akym	втекающая в поток струя
turbulent ~	turbulent – tüweleý görnüşli, aýlanyp çalt hereket edýän; turbulent insiz akym	турбулентная струя
joint	**birleşme, birleşdirilme; sepleşik; galtaşmaklyk (degip durmak, kontakt); sepleşýän ýeri; merkez, uzel**	**соединение; стык; контакт; шов; узел**
airtight ~	germetik – gaz we suwuklyk halyndaky maddalary geçirmeýän birleşdirilme	герметическое (герметичное) соединение
asbestos ~	asbest bilen dykyzlanan (demrikdirilen) birleşdirilme	уплотненное асбестом соединение
bellows ~	silfon üsti bilen birikdirilme	сильфонное соединение
expansion ~	temperaturanyň üsti bilen birleşdirilme	температурный шов
flexible ~	çeýe birleşdirilme	гибкое соединение
T-~	bir tok dürtgüçden (rozetkadan) bir wagtyň özünde 3 sany elektrik enjamyna elektrik toguny almak üçin ulanylýan gural	тройник
jump	**böküş; birden (güýçli, mese-mälim) üýtgeme (üýtgemegi)**	**скачок; резкое изменение**
discontinuous ~	endigansyz (böküş görnüşli) üýtgeme; böküş bilen üýtgeme, böküş arkaly özgerme	скачкообразное изменение, изменение скачком
pressure ~	basyşyň böküşi (bökmegi)	скачок давления
temperature ~	temperaturanyň täsiri bilen böküş	температурный скачок
junction	**birleşme; sepleşik; galtaşmaklyk**	**соединение; стык;**

	(degip durmak, kontakt); kebşirlenen ýer	**контакт; спай**
cold ~	(*termoparanyň*) sowuklygyna kebşirlenen ýeri, kebşiri	холодный спай (*термопары*)
hot ~	(*termoparanyň*) gyzgynlygyna kebşirlenen ýeri, kebşiri	горячий спай (*термопары*)
photovoltaic ~	p-n-Geçişler (geçmeler). Gaty jisimlerden ýasalan elektron gurallar, adatça, köp gatly gurluşdan (sendwiç) ybarat bolup, onuň bir bölegi p-tipli ýarym geçirijiden, beýlekisi bolsa n-tipli ýarym geçirijiden edilýär. P-tipli we n-tipli serişdeleriň serhetdeş(araçäk) ýeri (zolagy) p-n-geçişi diýlip atlandyrylýar. Geçiş n-tarapdan donor garyndysynyň položilel zarýadlanan atomlary we p-tarapdan akseptor garyndynyň otrisatel zarýadlanan atomlary bilen emele getirilýär. Şol ionlar bilen döredilýän elektrik meýdany elektronlaryň p-bölege (zolaga) we deşikleriň n-bölege diffuziýasynuň öňüni alýar	фотоэлектрический переход
tee ~	elektrik toguny geçirijileri üçe bölýän ýa-da olaryň üçüsini birikdirýän gural	тройник
thermal ~	termoparanyň kebşirlenen sepi, termoelementiň kebşirlenen sepi, termoelektrik kebşirlenen sepgit	спай термопары, спай термоэлемента, термоэлектрический спай
joule	**joul -** energiýanyň, işiň we SI ýylylygyň mukdarynyň birligi. Jeýms Joulyň hormatyna şeýle at berlen 1 J = 10^7 erg = 0,2388 kal = = $6{,}24 \cdot 10^{18}$ eW	**джоуль**

K

kiln	**guradyjy peç**	**сушильная печь**
solar dry ~	gün guradyjysy (kakadyjysy)	гелиосушилка
solar/wood energy ~	gün-odun guradyjy peji	солнечно-дровяная сушильная печь
kilowatt	**kilowatt** – wattdan – kuwwatyň birligi SI-den esselik (galyndysyz bölünýän) birlik, kWt bilen aňladylýar 1 kWt = 1000 Wt = 10^{10} erg/s = = 101,97 kgs m = 1,36 at g = 859,84 kkal/s	**киловатт, кВт**
Kirchhoff's law of spectral radiation	**Kirhgofyň şöhlelenme kanuny**	**закон излучения Кирхгофа**
know-how	**tehniki maglumat (habar, informasiýa); tilsimat; tehnologiýa (tilsimat); (*eksperimentiň tehnikasyny*) bilmeklik**	**техническая информация; технология; знание (*техники эксперимента*)**

L

lake	**köl**	**озеро**
solar~	Güneşli (gün) köli	солнечное озеро

laminar	**laminar** – garylmaýan gatlakly; laminar akym – suwuklygyň (ýa-da gazyň) garyşman gatlaklaýyn süýşýän akymy. Laminar akymyň bolmaklygy diňe belli bir wagta, ýagny Reýnoldsyň sanynyň **Rehowp** howply aňlatmasyna çenli bolup bilýär. Haçan-da **Rehowp** uly bolanda laminar akym turbulent akyma geçýär	**ламинарный; ламинарное течение**
latitude	**(haysydyr bir ýeriň) giňligi, giňlik**	**широта (местности)**
high ~	ýokary giňlik	высокая широта
low ~	pes giňlik	низкая широта
law	**kanun**	**закон**
~ of combining volumes, Charles' law	Geý-Lýussagyň kanuny	закон Гей-Люссака
~ of conservation of energy	energiýanyň saklanmak kanuny; termodinamikanyň birinji ýörelgesi (prinsipi)	закон сохранения энергии, первый принцип термодинамики
~ of degradation of energy	entropiýanyň artma (ösmek, köpelmek) kanuny	закон возрастания энтропии
~s of energetics	termodinamikanyň [başlangyjynyň] ýörelgeleri (prinsipleri)	принципы [начала] термодинамики
~ of refraction	döwülme kanuny	закон преломления
~ of the cube	kublaryň kanuny (ýel enjamynyň kuwwaty ýeliň tizliginiň kubuna proporsionaldyr)	закон кубов (мощность ветроустановки пропорциональна кубу скорости ветра)
~ of thermodynamics	termodinamikanyň kanuny	закон термодинамики
Coulomb's ~	Kulonyň kanuny	закон Кулона
energy (conservation) ~	energiýanyň saklanmak kanuny	закон сохранения энергии
ideal gas ~	ideal gazyň kanuny	закон идеального газа
Fourier' ~	ýylylyk geçirijiliginiň kanuny, Furýeniň kanuny	закон теплопроводности, закон Фурье
Joule's ~	Joulyň kanuny	закон Джоуля
Kirchhoff's ~ of spectral radiation	Kirhgofyň şöhlelenme (şöhle ýaýratma) kanuny	закон излучения Кирхгофа
Newton's ~s	Nýutonyň (dinamikanyň) kanunlary	законы (динамики) Ньютона
Planck radiation ~	Plankyň şöhlelenme (şöhle ýaýratma) kanuny, Plankyň formulasy	закон излучения Планка, формула Планка
scaling ~	meňzeşlik (kybapdaşlyk) kanuny	закон подобия
similarity ~	meňzeşlik (kybapdaşlyk) kanuny	закон подобия
similitude ~	meňzeşlik (kybapdaşlyk) kanuny	закон подобия
solar access ~	1. gün energiýasyna bolan hukuk	1. право на солнечную энергию
	2. gün energetikisynyň hukuk jähtleri; gün energetikisy boýunça kanunçylyk	2. правовые аспекты солнечной энергетики; законодательство по солнечной энергетике
Stefan-Boltzmann ~	Stefan-Bolsmanyň kanuny	закон Стефана-Больцмана

Wien radiation ~	Winiň şöhle ýaýratma (şöhlelenme) kanuny	закон излучения Вина
layer	**gat, gatlak**	**слой**
atmospheric ~	atmosfera gatlagy	атмосферный слой
storage ~	(gün howzunda) ýygnaýjy (akkumulirleýji) gatlak	аккумулирующий слой (в солнечном пруде)
lens	**linza – üsti güberçek ýa-da oýuk optiki aýnanyň bir görnüşi**	**линза**
Fresnel ~	Freneliň linzasy	линза Френеля
linear Fresnel ~	Freneliň hatarlaýyn linzasy	линейная линза Френеля
level	**dereje, dereje ölçeýji gural**	**уровень**
background ~	(howanyň hapalanmagynyň) deňagramdaky [tebigy] derejesi	равновесный [естественный] уровень (загрязнения воздуха)
monthly insolation ~	gün şöhlelenmesiniň energiýasynyň aýlyk ähmiýeti(bahasy), orny	месячное значение энергии солнечного излучения
solar flux ~	gün radiasiýasynyň derejesi	уровень солнечной радиации
light	**ýagtylyk, yşyk**	**свет**
concentrated sun ~	toplandyrylan gün ýagtylygy (yşygy)	концентрированный солнечный свет
sun ~	günüň ýagtylygy, yşygy	солнечный свет
visible ~	görünýän ýagtylygy, yşygy	видимый свет
liquefaction	**suwuk hala geçmegi; suwuklanmagy, suwgalma, suwgaltma**	**переход в жидкое состояние; сжижение**
direct ~	(biomassanyň) göni suwgalmasy (suwuk hala öwrülmegi)	прямое сжижение (биомассы)
liquid-type collector; liquid collector; liquid heating collector liquid-cooled collector; liquid-cooled solar collector	**suwuk ýylylyk saklaýjysy bolan gün kollektory**	**солнечный коллектор с жидким теплоносителем**
load	**ýükleme (doldurma), agram, güýç, iş**	**загрузка, нагрузка**
annual ~	ýyllyk (ýylyň dowamyndaky) agram, güýç	годовая нагрузка
building ~	binanyň, jaýyň (ýylylyk) agramy	(тепловая) нагрузка здания
cooling ~	(binanyň, jaýyň) sowadyş ulgamyna düşýän agram	нагрузка на систему охлаждения (здания)
demand ~	gerekli güýç, agram	потребная нагрузка
design ~	hasaplanan güýç , agram	расчетная нагрузка
heating ~	ýylylyk güýji, agramy	тепловая нагрузка
line (electricity)	**hatar (çyzyk, ugur)**	**линия (эл.)**
aerial	howa geçirijisi, liniýasy	воздушная линия
high	ýokary woltly ugur	высоковольтная

open-wire pole	sütünlerdäki ýokary woltly ugur(liniýa), (sütünlerdäki howada gidýän tok geçiriji)	воздушная линия на столбах
transmission	geçirýän (liniýa) hatar, geçiriji (liniýa), hatar, ugur	линия передачи
longitude	**uzaklyk; Grinwiçden gündogara ýa-da günbatara burçdaky ýagdaýy**	**долгота; угловое положение к востоку или к западу от Гринвича**
loss	**ýitgiler**	**потери**
absorption ~	siňdirilmäge edilen (sarp edilen)ýitgiler	потери на поглощение
boil-off ~	bugarmak zerarly ýitgiler	потери от испарения
energy ~	energiýanyň ýitgileri	потери энергии
heat ~	ýylylyk ýitgileri	потери тепла
inherent ~	içki ýitgiler	внутренние потери
radiation ~	1. şöhlelenmä bolan ýitgiler	1. потери на излучение
	2. radiasiýa ýitgileri	2. радиационные потери
stand-by heat ~	ýylylyk toplaýjynyň (akkumulýatorynyň) we geçiriji turbalaryň diwarjyklary arkaly ýylylygyň ýitgileri	потери тепла через стенки аккумулятора тепла и трубопроводов
low	**pes**	**низкий**
~ calorific value;	pes ýylylyk döredijilik ukyby	низшая теплотворная способность
~ heat value	pes ýylylyk döredijilik ukyby	низшая теплотворная способность
~ -head power plant	pes basyşly SEB (SES)	низконапорная ГЭС
lumen	**lýumen – ýagtylyk akymynyň ölçeg birligi**	**люмен**
luminosity	**1. ýitilik** **2. spektral ýagtylyk netijeliligi (täsirliligi)**	**1. яркость** **2. спектральная световая эффективность**
solar ~	günüň ýagtylmasynyň ýitiligi	яркость солнечного освещения
luminance factor	**ýitilik koeffisiýenti**	**коэффициент яркости**
lux	**lýuks**	**люкс**

M

machine	**maşyn; mehanizm**	**машина; механизм**
Darrieus ~	Darýeniň maşyny (*ýel enjamy*)	машина Дарье (*ветроустановка*)
reciprocating wind ~	yza gaýdyp-öňe gidýän hereketli ýel hereketlendirijisi (ýel dwigateli)	ветродвигатель с возвратно-поступательным движением
wave ~	tolkun enjamy	волновая установка
wind motor ~	ýel hereketlendirijisi	ветродвигатель
manure	**ders**	**навоз**
dairy ~	sygyr dersi	коровий навоз
dry dairy ~	gury ders	сухой навоз

fresh dairy ~	täze ders	свежий навоз
poultry ~	guş tezegi	помёт птицы
mass	**massa**	**масса**
air ~	howa massasy	воздушная масса
air ~ zero	(atmosferanyň çäginden daşardaky gün şöhlelenmesi üçin) nolunjy howa massasy	нулевая воздушная масса (для солнечного излучения за пределами атмосферы)
material	**material, serişde**	**материал**
agricultural raw ~	oba hojalyk çig maly	сельскохозяйственное сырье
glassing ~	(gün enjamynyň örtügi, örtgüşi) aňyrsy görnüp duran (dury) material (serişde)	прозрачный материал (покрытие солнечной установки)
solar energy storage ~	gün energiýasyny ýygnamak (akkumulirlemek) üçin serişde	материал для аккумулирования солнечной энергии
thermoelectric ~	termoelektrik serişde (material)	термоэлектрический материал
maximum resources	**nazaryýet (teoretiki) gorlary (zapaslary)**	**теоретические запасы**
measurement	**ölçeme, ölçeýiş**	**измерение**
reflectance ~	serpikme koeffisiýentiniň ölçenilişi	измерение коэффициента отражения
wind ~	ýeliň ölçenilişi, ýeli ölçemek	измерение ветра
medium	**gurşaw**	**среда**
heating ~	özünde ýylylyk saklaýjy	теплоноситель
transfer ~	özünde ýylylyk saklaýjy	теплоноситель
methanogenesis	**metanyň öndürilişi, metanogenezis**	**производство метана, метаногенезис**
thermophilic ~	termofil metanogenezisi	термофильный метаногенезис
methanol	**1. metanol, metil spirti**	**1. метанол**
	2. metil spirtiniň esasynda döredilen ýangyç	**2. топливо на основе метилового спирта**
microhydro	**kiçi suw turbinalary (gidroturbinalar) (0,1-2,0 kWt)**	**малые гидротурбины (0,1-2,0 кВт)**
method	**usul**	**метод**
~ of generating power	energiýany öndürmegiň usuly	метод производства энергии
mirror	**1. ýüz görülýän aýna**	**1. зеркало**
	2. serpikdiriji	**2. отражатель**
booster	aýna (aýnadan edilen) toplaýjy (konsentrator)	зеркальный концентратор
concentrating ~	toplaýjy (konsentrirleýji) aýna	концентрирующее зеркало
cylinder parabolic ~	parabolosilindrik (ýüz görülýän) aýna	параболоцилиндрическое зеркало
facet (cylindrical) ~	faset (silindrik) (ýüz görülýän) aýna	фацетное (цилиндрическое) зеркало
fixed ~	hereketsiz (ýüz görülýän) aýna	неподвижное зеркало

flat ~	tekiz (ýasy) (ýüz görülýän) aýna	плоское зеркало
optical ~	optiki (ýüz görülýän) aýna	оптическое зеркало
paraboloidal ~	paraboloid (ýüz görülýän) aýna	параболоидное зеркало
silvered glass ~	kumüş çaýylan aýnadan (çüýşeden) edilen ýüz görülýän aýna	посеребренное стеклянное зеркало
solar ~	gün aýnasy (ýüz görülýän)	солнечное зеркало
spherical ~	(şar şekilli, sferiki) ýüz görülýän aýna	сферическое зеркало
modelling	**modelleşdirme**	**моделирование**
wind energy ~	ýel energiýasyny modelleşdirme	моделирование ветровой энергии
module	**modul**	**модуль**
albedo-collecting solar ~	serpikdirilen şöhlelenmäni peýdalanýan gün moduly	солнечный модуль, использующий отраженное излучение
concentrating photovoltaic ~	toplaýjyly (konsentratorly) fotoelektrik modul	фотоэлектрический модуль с концентратором
flat-plate solar ~	tekiz (ýasy) gün moduly	плоский солнечный модуль
pilot cell ~	nusgalyk, nusgawy (etalonlyk) gün fotoelementleriniň moduly	модуль эталонных солнечных фотоэлементов
solar ~	fotoelektriki modul; gün moduly	фотоэлектрический модуль; солнечный модуль
solar array [solar battery]	gün batareýasynyň moduly	модуль солнечной батареи
monocrystalline	**bir kristallik (monokristallik), bir kristaldan ybarat**	**монокристаллический**
motor	**hereketlendiriji**	**двигатель**
sail-driver wind ~	ýelken ýel enjamy	парусная ветроустановка
wave ~	tolkun hereketlendirijisi	волновой двигатель
wind ~	ýel bilen hereketlendiriji, ýel hereketlendirijisi	ветровой двигатель, ветродвигатель
municipal waste	**şäherdir obalarda taşlanýan galyndylar, munisipal galyndylar**	**муниципальные отходы**

N

nacelle	**(diržabylyň) ýel enjamynyň zat salynýan sebedi, gaby, jaýy**	**гондола ветровой установки (дирижабля)**
natural	**tebigy, adaty, tebigy taýdan**	**естественный, природный**
~ convection	erkin konweksiýa	свободная конвекция
~ energy	tebigy energiýa	природная энергия
net calorific value; net heating value	**pes (derejeli) ýylylyk döredijiik ukyby**	**низшая теплотворная способность**
net pyrradiometer	**jemleýji pirradiometri, jemi pirra**	**суммарный пиррадиометр**
network	**tor, ýaýraw; ulgam**	**сеть; система**
global solar power ~	dünýä (global) gün energetiki ulgamy	глобальная солнечная энергетическая система

solar metric ~	gün radiasiýasyny ölçemek boýunça beketler (stansiýalar) ulgamy (tory), ýaýrawy	сеть станций по измерению солнечной радиации
niche	**tagça**	**ниша**
ecological ~	ekologiki tagça	экологическая ниша
nominal	**takyklanan bellenen (nominal)**	**номинальный**
~ generation;	takyk işläp çykarma	номинальная выработка
~ production;	takyk önüm öndürme	номинальная выработка
~ output	bellenilen önüm öndüriliş	номинальная выработка
nonconventional power sources	**energiýanyň adaty (däl) bolmadyk çeşmeleri**	**нетрадиционные источники энергии**
nonimaging cylindrical concentrator	**foklin**	**фоклин**

O

ocean thermal energy	**termal okeaniki energiýa**	**океаническая термальная энергия**
oil	**1. nebit**	**1. нефть**
	2. ýag	**2. масло**
biomass ~	biomassadan alnan ýag	масло из биомассы
optic block;	**optiki ulgam;**	**оптическая система;**
optical train	**optiki ulgam**	**оптическая система**
optical furnace	**optiki peç**	**оптическая печь**
optimum ambient wind speed	**ýeliň takyklanan tizligi**	**номинальная скорость ветра**
orientation	**ugrukmaklyk (duran ýeriňi kesgitlemek), ugrukdyrylmak**	**ориентация**
building ~	binanyň (jaýyň) (günorta) ugrukdyrylmagy, ugrukdyrylmagy	ориентация здания (на юг)
optimum ~	(gün kollektorynyň) laýyk ugrukmaklygy, ugrukdyrylmagy	оптимальная ориентация (солнечного коллектора)
wall ~	(binanyň, jaýyň) diwarynyň ugrukmaklygy, ugrukdyrylmagy	ориентация стены (здания)
output	**1. çykyş; çykarma (çygalga)**	**1. выход; вывод**
	2. çykyş, çykýan kuwwaty **3. işläp çykaryş; öndürijilik**	**2. выходная мощность** **3. выработка; производительность**
daily energy ~	elektrik energiýasynyň gündizki (öndürijiligi)işlenip çykarylyşy	дневная выработка электроэнергии
photovoltaic ~	fotoelektrik batareýasynyň çykyş (çykýan) kuwwaty	выходная мощность фотоэлектрической батареи
oven	**peç**	**печь**
solar ~	gün peji	солнечная печь

P

pane	**penjire, äpişge aýnasy**	**оконное стекло**
panel	**panel (üst)**	**панель**

albedo-collecting ~	serpikdirilen şöhlelenmäni peýdalanýan üst (panel)	панель, использующая отраженное излучение
solar (energy) collecting ~	gün kollektorynyň paneli	панель солнечного коллектора
solar (energy) collecting roof ~	üçekde (jaýyň üstünde) ýerleşdirilýän gün kollektorynyň paneli	панель солнечного коллектора, размещаемого на крыше
solar heating ~	gün bilen ýyladylýan panel	солнечная отопительная панель
south facing solar ~	günorta ugrukdyrylan gün paneli	солнечная панель южной ориентации
parabolic trough concentrator	**parabolosilindrik toplaýjysy (konsentratory)**	**параболоцилиндри-ческий концентратор**
paraboloid	**paraboloid**	**параболоид**
~ concentrator	paraboloid toplaýjy (konsentrator)	параболоидный концентратор
path	**ýol**	**путь**
heat-flow ~	ýylylyk akymynyň ýoly	путь теплового потока
passive solar heating	**passiw gün ulgamy**	**пассивная солнечная система**
peak	**ýokary dereje**	**пик**
daily insolation ~	gün radiasiýasynyň gündizki ýokary derejesi	дневной пик солнечной радиации
watt ~	ýokary [iň uly] kuwwaty	пиковая [максимальная] мощность
performance	**1. häsiýetnama 2. netijelilik (täsirlilik)**	**1. характеристика** **2. эффективность**
biogas plant ~	biogaz enjamynyň netijeliligi	эффективность биогазовой установки
energy delivery ~	(gün enjamynyň) energiýa öndürijiligi	энергопроизводи-тельность (солнечной установки)
long-term ~	baýlyk (resurs) häsiýetnamasy	ресурсная характеристика
solar still ~	gün suw süýjedijisiniň netijeliligi	эффективность солнечного опреснителя
phase (electricity)	**faza (el.) – generatoryň aýry- aýry sargy bölegi**	**фаза (эл.)**
photoelectric cell;	**fotoelement – ýagtylyk energiýasyny elektrik energiýa öwürýän enjam**	**фотоэлемент**
photoelectric detector	**fotoelektrik energiýa – ýagtylyk energiýasynyň gös-göni elektrik energiýasyna öwrülişhadysasy**	**фотоэлектричество**
photovoltaics	**fotoelektrik energetikasy**	**фотоэлектрическая энергетика**
<> ~ for rural development	oba etraplarynyň ösmegi üçin fotoelektrik energetika	фотоэлектрическая энергетика для развития сельских районов
~ module	fotoelektriki modul	фотоэлектрический модуль
concentrating ~	toplaýjy (konsentrirleýji) ulgamlary bolan fotoelektrik	фотоэлектричество с концентрирующими системами

remote village ~	uzakdaky şäherçeleri (ilatly ýerleri) elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin fotoelektriki energetika	фотоэлектрическая энергетика для электроснабжения отдаленных поселков
